*(Unofficial translation)*

**MINISTRY OF FOREIGN AFFAIRS**
**OF TURKMENISTAN**

No. 10/78357

The Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan presents its compliments to the Embassy of the Republic of Korea in Turkmenistan and has the honor to inform of the following.

Turkmen side has the honor to convey the letter of proposal on cooperation between International University of the Industrialists and Entrepreneurs of Turkmenistan with scientific, educational and business institutions, including the proposal to invite professors, teachers and specialists to conduct classes at the University, as well as submitting information about the University and draft Memorandum of Understanding between International University of Industrialists and Entrepreneurs, and kindly requests the Embassy to assist in delivering these documents to scientific, educational and business institutions of the Republic of Korea.

The Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan avails itself of this opportunity to renew to the Embassy of the Republic of Korea the assurances of its highest consideration.

*Enclosure: as stated*

Ashgabat, 29 June 2026

/seal/

**EMBASSY OF THE REPUBLIC OF KOREA**
**IN TURKMENISTAN**
**ASHGABAT**

M.A.

**TÜRKMENISTANYŇ**
**DAŞARY IŞLER**
**MINISTRLIGI**

№ 10/78357

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi Koreýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Ilçihanasyna hormatyny aýan edýär we şu aşakdakylar barada habar bermegi özüne mertebe hasaplaýar.

Türkmen tarapy Türkmenistanyň Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň ylym-bilim we işewürlik edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmek, Uniwersitetde sapak okatmak üçin professor-mugallymlary we hünärmenleri işe çagyrmak teklibi baradaky hatynyň nusgasyny, Uniwersitet baradaky maglumaty we Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersiteti bilen özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň taslamasyny iberýär we olary Koreýa Respublikasynyň ylym-bilim we işewürlik edaralaryna ýetirmekde ýardam bermegi hormatly Ilçihanadan haýyş edýär.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi şu pursatdan peýdalanyp, Koreýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Ilçihanasyna beýik sarpa goýýandygyny ýene bir gezek tekrarlaýar.

*Goşundy: bellenip geçilen.*

*Aşgabat şäheri, 2026-njy ýylyň "29" iýuny.*

DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI TÜRKMENISTANYŇ

**KOREÝA RESPUBLIKASYNYŇ**
**TÜRKMENISTANDAKY ILÇIHANASY**
**Aşgabat ş**

N143
29.06.2026

Dear colleagues,

On behalf of the newly established International University of industrialists and entrepreneurs in Turkmenistan, we have the honor to welcome you, and through you, the entire esteemed academic community of your educational institution, and to express our respect for all the people of your country.

We sincerely wish you inexhaustible inspiration, robust health, prosperity, and great success in your responsible activities for the benefit of the development of education.

Taking this pleasant opportunity, allow us to officially inform you of an important historical event in the scientific and educational life of our country. In accordance with the progressive state policy of Turkmenistan, aimed at industrialization and integration into the global economic space, the International university of industrialists and Entrepreneurs was grandly inaugurated in Ashgabat on September 1, 2025. The International university of industrialists and entrepreneurs, founded by the Union of industrialists and entrepreneurs of Turkmenistan, is the first non-governmental higher education institution in the country.

The establishment of our university is a strategic step designed to ensure a close link between academic science and the real sector of the economy. Our mission is to train world-class specialists capable of implementing innovative technologies in industry and developing modern entrepreneurship. As we enter this new stage in the development of the national education system, we do so with a clear understanding that progress is impossible without close international cooperation.

Today, the university's leadership reaffirms its unwavering commitment to the ideals of academic fraternity and expresses its deep commitment to expanding international cooperation with your esteemed educational institution in the fields of science and education. We are confident that the accumulated experience of collaboration between our institutions will serve as a reliable foundation for the implementation of new, even more ambitious projects.

We are writing this letter to you with the aim of establishing close international academic and scientific cooperation between our educational institutions by signing a Memorandum of Understanding and holding a joint international online conference. We would also like to inform you that, following the signing of the Memorandum and based on it, we would like to invite several professors from your educational institution to teach at our university for a period ranging from one semester to an academic year.

We respectfully request your assistance in this important matter. We would also like to ask for your assistance in disseminating this information to other educational institutions in your country. We are attaching a draft Memorandum to this letter.

We are deeply convinced that the integration of our intellectual resources will make a significant contribution to the stable development and prosperity of the entire region. Your extensive experience in human resource development and our innovative approach to industrial education can create a unique synergy, the fruits of which will be new scientific discoveries and highly qualified specialists.

Please accept, dear colleagues, the assurances of our highest consideration.

Our website: hstu.edu.tm

**With profound respect,**
**International university of industrialists and entrepreneurs**

THE UNION OF INDUSTRIALISTS AND ENTREPRENEURS OF TURKMENISTAN

# INTERNATIONAL UNIVERSITY OF INDUSTRIALISTS AND ENTREPRENEURS

**ESTABLISHED ON JUNE 27th, 2025**

**THE FIRST NON-GOVERNMENTAL HIGHER EDUCATION INSTITUTION IN TURKMENISTAN**

**6 FACULTIES**



1. FACULTY OF ECONOMICS AND MANAGEMENT OF BUSINESS;
2. FACULTY OF AGRICULTURAL BUSINESS;
3. FACULTY OF DIGITAL TECHNOLOGIES;
4. FACULTY OF ARCHITECTURE AND CONSTRUCTION BUSINESS;
5. FACULTY OF ADVANCED TRAINING;

. LANGUAGE LEARNING DEPARTMENT.

14 DEPARTMENTS
42 LABORATORIES
5 YEAR STUDYING
8 EXTENDED GROUPS OF EDUCATIONAL SYSTEMS WHICH INCLUDE 18 MAJORS

1. ARCHITECTURE;
2. ARCHITECTURAL ENVIRONMENTAL DESIGN;
3. INDUSTRIAL AND CIVIL CONSTRUCTION;
4. MANUFACTURING OF BUILDING MATERIALS, PRODUCTS AND STRUCTURES;
5. INFORMATION SYSTEMS AND TECHNOLOGIES;
6. ARTIFICIAL INTELLIGENCE AND EXPERT SYSTEMS;
7. AUTOMATION OF PRODUCTION AND TECHNOLOGICAL PROCESSES;
8. MECHATRONICS AND ROBOTICS;
9. AGRONOMY;
10. FOOD TECHNOLOGIES;
11. VETERINARY MEDICINE;
12. INDUSTRIAL FISHERIES;
13. ACCOUNTING AND AUDITING (IN ENTREPRENEURSHIP);
14. BUSINESS AND ENTREPRENEURSHIP;
15. DIGITAL TECHNOLOGIES IN TRADE AND LOGISTICS;
16. INTERNATIONAL BUSINESS;
17. BUSINESS MANAGEMENT;
18. BUSINESS LAW.

**CONTACTS:**
Tel: +993 12 394950; +993 12 393636
E-mail: hstu@sanly.tm
Address: 185, Gorogly street, Ashgabat city, Turkmenistan, 744020

*Draft*

# MEMORANDUM OF UNDERSTANDING
## between International university of industrialists and entrepreneurs and ______________________

This Memorandum of understanding (hereinafter referred to as the "Memorandum") is concluded between the International university of industrialists and entrepreneurs and the ______________________ (hereinafter collectively referred to as the «Parties») with the purpose of establishing and promoting international cooperation.

Recognizing their mutual interest in developing and strengthening international relations in the fields of science and education, the Parties hereby agree as follows:

### Article 1

The primary purpose of this Memorandum is to establish and promote cultural, scientific, academic, and educational cooperation between the Parties, to develop joint programs of activity, and to establish mutually beneficial cooperation in several areas of higher education.

### Article 2

Subject to the availability of financial resources and approval by the duly authorized representatives of the Parties, the Parties agree to study and implement cooperation in the following areas:

a) Conducting joint research activities and establish and develop cooperation on specific projects;

b) Facilitating the exchange of teachers and/or bilateral visits, as well as student exchanges and/or bilateral visits within the framework of respective programs, thereby implementing exchanges of teachers, students, academic, and administrative staff;

c) Developing advanced programs for the professional development of the University's staff and teachers;

d) Organizing and conducting joint courses, lectures, symposia, international seminars, scientific-practical conferences, as well as sporting, creative, and professional training events;

e) Exchanging academic information and materials, including data, educational resources, technological and scientific publications, and cooperating in the development and advancement of the University;

f) Providing opportunities for the University's professors, researchers, and students to deliver lectures and teaching sessions;

g) Exploring further possibilities for cooperation in the future.

## Article 3

To implement and fully realize the objectives of this Memorandum, the Parties shall appoint authorized representatives who will oversee the development and execution of joint activities.

Specific actions under this Memorandum shall be separately discussed and coordinated by the Parties' authorized representatives responsible for implementing particular projects.

The Parties agree to conduct such activities in accordance with the laws and regulations of their respective countries.

## Article 4

This Memorandum constitutes a framework Memorandum defining the areas of cooperation and the general principles of relations between the Parties.

The specific content of cooperation shall be determined and regulated by separate Memorandums on cooperation for each specific purpose and period, in accordance with the agreed provisions of this Memorandum and subject to the capacities, intentions, and interests of the Parties.

The Parties shall ensure that the results and publications achieved within the framework of cooperation under this Memorandum remain accessible to both Parties.

## Article 5

This Memorandum comes into force from the date of its signing by both Parties and shall remain valid for a period of 5 (five) years. Its term may be extended upon mutual written agreement of the Parties.

## Article 6

This Memorandum may be amended or supplemented by written agreement signed by representatives of both Parties.

In the event of unforeseen circumstances arising during the implementation of joint activities in any country, the Parties agree to consult in order to find a mutually satisfactory solution.

In the event of any disagreement arising regarding the use, interpretation, or implementation of this Memorandum, the Parties shall make every effort to resolve such disputes amicably.

## Article 7

During the validity of this Memorandum, either Party may terminate it by providing the other Party with written notice at least 6 (six) months prior to the intended date of termination.

The termination of this Memorandum shall not affect the completion of projects or programs initiated under this Memorandum and not yet completed at the time of termination.

## Article 8

Executed Signed in «____» _____________ 2026 in two original copies, each in the Turkmen and English languages, all copies being equally authentic.

| For the International university of industrialists and entrepreneurs | For the<br>____________________<br>____________________ |
|---|---|

**Hormatly kärdeşler!**

Türkmenistanda täze açylan Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň adyndan sizi we siziň kömegiňiz bilen uniwersitetiňiziň bütin hormatly akademiki jemgyýetini gutlamaga, şeýle hem ýurduňyzyň ähli halkyna öz çuňňur hormatymyzy bildirmäge rugsat ediň.

Bilim ulgamynyň ösdürilmegi ugrunda alyp barýan jogapkärli işleriňizde size tükeniksiz ylham, berk jan saglyk, rowaçlyk we uly üstünlikler tüýs ýüregimizden arzuw edýäris.

Şu ýakymly mümkinçilikden peýdalanyp, ýurdumyzyň ylmy we bilim durmuşyndaky möhüm taryhy waka barada size resmi taýdan habar bermäge rugsat ediň. Türkmenistanyň senagatlaşdyrmasyna we dünýä ykdysady giňişligine goşulyşmagyna gönükdirilen öňdebaryjy döwlet syýasatyna laýyklykda, 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Aşgabat şäherinde Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersiteti dabaraly ýagdaýda açylyp ulanylmaga berildi. Türkmenistanyň Senagatçylar we Telekeçiler birleşmesi tarapyndan esaslandyrylan Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersiteti ýurdumyzdaky ilkinji döwlete dahylsyz ýokary okuw mekdebidir.

Uniwersitetimiziň döredilmegi bilim, ylym bilen ykdysadyýetiň hususy pudagynyň arasynda ýakyn arabaglanyşygy üpjün etmäge gönükdirilen strategik ädimdir. Biziň esasy maksadymyz senagata innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmaga we döwrebap telekeçiligi ösdürmäge ukyply bolan dünýä derejesindäki hünärmenleri taýýarlamakdan ybaratdyr. Milli bilim ulgamynyň ösüşiniň şu täze tapgyryna gadam basmak bilen, biz halkara hyzmatdaşlygynyň bolmazdan öňegidişligiň mümkin däldigine doly düşünýäris.

Şu günki günde uniwersitetiň ýolbaşçylygy akademiki doganlyk ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygyny ýene-de bir gezek tassyklaýar we ylym hem-de bilim ulgamynda siziň abraýly ýokary okuw mekdebiňiz bilen halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmäge uly gyzyklanma bildirýär. Edaralarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň toplanan tejribesiniň geljekde has-da uly, täze taslamalary durmuşa geçirmek üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat etjekdigine ynanýarys.

Biz size bu haty Özara düşünişmek hakynda Ähtnama (Memorandum) gol çekmek we bilelikdäki halkara onlaýn maslahatlaryny geçirmek arkaly okuw mekdeplerimiziň arasynda ýakyn halkara akademiki we ylmy hyzmatdaşlygy ýola goýmak maksady bilen ýazýarys. Şeýle hem, Ähtnama gol çekilenden soň we onuň esasynda uniwersitetimizde bir semestrden bir okuw ýylyna çenli möhletde okuw dersleri okatmaklary üçin siziň ýokary okuw mekdebiňizden birnäçe professor-mugallymlary çagyrmaga isleg bildirýändigimizi habar berýäris.

Bu möhüm meselede bize goldaw bermegiňizi hormat bilen haýyş edýäris. Şeýle hem, bu maglumaty ýurduňyzyň beýleki ýokary okuw mekdeplerine ýetirmekde ýardam etmegiňizi haýyş edýäris. Şu hatyň ýany bilen Ähtnamanyň taslamasyny hem ugradýarys.

Intellektual serişdelerimiziň birleşdirilmeginiň bütin sebitiň durnukly ösmegine we rowaçlanmagyna saldamly goşant goşjakdygyna çuňňur ynanýarys. Siziň adam

maýasyny ösdürmekde toplan baý tejribäňiz we biziň senagat bilimine innowasion çemeleşmämiz özboluşly sinergiýany emele getirip, munuň netijesinde täze ylmy açyşlar we ýokary derejeli hünärmenler kemala geler.

Hormatly kärdeşler, Size bolan çuňňur hormatymyz baradaky ynandyrmalarymyzy kabul etmegiňizi haýyş edýäris.

Biziň internet sahypamyz: hstu.edu.tm

**Çuňňur hormatlamak bilen,**

**Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersiteti**

*Taslama*

**Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersiteti**
**bilen ______________________________________________**
**arasynda**

**ÖZARA DÜŞÜNIŞMEK HAKYNDA ÄHTNAMA**

Şu Özara düşünişmek hakynda Ähtnama, Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersiteti bilen ______________________________ arasynda halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmak we ösdürmek üçin niýetlenendir.

Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersiteti we ______________________________, mundan beýläk «Taraplar» diýlip atlandyrylyp, Taraplaryň arasynda ylym-bilim babatynda halkara aragatnaşyklary ýola goýmakdaky we ösdürmekdäki bähbitleriň bardygyny ykrar edip, şu özara düşünişmek hakynda Ähtnama (mundan beýläk Ähtnama) gol çekişmek arkaly aşakdakylar barada özara düşünişdiler:

**1-nji madda**

Şu Ähtnamanyň esasy maksady Taraplaryň arasynda medeni, ylmy, akademiki we bilim hyzmatdaşlygyny ýola goýmakdan we ösdürmekden, bilelikdäki iş maksatnamasyny düzmekden hem-de ýokary bilimiň birnäçe ugurlary boýunça özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmakdan ybarat bolup durýar.

**2-nji madda**

Maliýe serişdeleriň çeşmeleriniň we resurslaryň bar bolan hem-de Taraplaryň ygtyýarly wekilleriniň makullan halatynda, Taraplar bilelikdäki hyzmatdaşlygyň aşakdaky ugurlaryny öwrenmek we durmuşa geçirmek barada ylalaşýarlar:

a) bilelikdäki ylmy-barlag işlerini alyp barmak we aýratyn taslamalar boýunça hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek;

b) mugallymlaryň alyş-çalşygyny we ýa-da ikitaraplaýyn saparlaryny ýeňilleşdirmek hem-de degişli maksatnamalaryň

esasynda talyp alyş-çalşygyny we/ýa-da ikitaraplaýyn saparlarynyň maksatnamalaryny ýeňilleşdirmek ýaly mugallymlaryň, talyplaryň, ylmy we administratiw işgärleriň alyş-çalşygyny amala aşyrmak;

ç) uniwersitetiň işgärleriniň we mugallymlarynyň hünärlerini kämilleşdirmek boýunça öňdebaryjy maksatnamalaryny işläp taýýarlamak;

d) bilelikdäki okuwlary, leksiýalary, simpoziumlary, halkara seminarlary, ylmy-amaly maslahatlary, sport, döredijilik we ussatlyk okuwlary ýaly bilelikdäki akademiki, ylmy we işewürlik çärelerini guramak we geçirmek;

e) maglumatlary, okuw materiallary, tehnologiki we ylmy neşirleri ýaly akademiki maglumatlary we materiallary alyşmak, uniwersiteti ösdürmek we kämilleşdirmek babatynda bilelikde hyzmatdaşlyk etmek;

ä) uniwersitetiň professor-mugallymlaryna, ylmy işgärlerine we talyplaryna okuw sapaklaryny we leksiýalary bermek mümkinçiligini döretmek;

f) geljekde hyzmatdaşlyk etmegiň mümkinçiliklerini gözlemek.

**3-nji madda**

Şu Ähtnamanyň maksatlaryny durmuşa geçirmek we doly ýerine ýetirmek üçin Taraplar bilelikdäki çäreleriň işlenilip taýýarlanylmagyna we ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk etjek ygtyýarly wekilleri belleýär.

Şu Ähtnama esasynda anyk hereketleriň işlenip düzülmegi we amala aşyrylmagy Taraplaryň anyk taslamalary durmuşa geçirýän ygtyýarly wekilleri tarapyndan aýratyn maslahatlaşylar we utgaşdyrylar.

Taraplar bu çäreleri öz ýurtlarynyň kanunlaryna we kadalaryna laýyklykda geçirmäge ylalaşýarlar.

**4-nji madda**

Bu Ähtnama hyzmatdaşlygyň ugurlaryny we iki Tarapyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň umumy ýörelgelerini kesgitleýän çarçuwaly şertnamadyr. Hyzmatdaşlygyň anyk mazmuny Taraplar

tarapyndan her döwür üçin her bir anyk maksat üçin iki Tarapyň mümkinçiliklerine, isleglerine we gyzyklanmalaryna laýyklykda, şu Ähtnamadaky ylalaşylan şertlere ters gelmeýän aýratyn hyzmatdaşlyk baradaky şertnamalarda ylalaşylýar we düzgünleşdirilýär.

Taraplar, şu Ähtnamanyň çäklerinde edilen hyzmatdaşlykda gazanylan netijeleriň we neşirleriň iki Tarap üçin hem elýeterli bolmagyny üpjün eder.

**5-nji madda**

Şu Ähtnama Taraplaryň her biri tarapyndan gol çekilen gününden başlap güýje girýär we 5 (bäş) ýyl hereket edýär. Ähtnamanyň hereket edýän möhleti Taraplaryň özara ýazmaça ylalaşmaklary esasynda uzaldylyp bilner.

**6-njy madda**

Şu Ähtnama iki Tarapyň wekilleri tarapyndan gol çekilen ýazmaça ylalaşygy esasynda üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip bilner.

Islendik ýurtda bilelikdäki işleriň dowamynda garaşylmadyk bir ýagdaýlaryň ýüze çykan halatynda iki Tarap hem özara kanagatlanarly çözgüdi tapmak üçin maslahatlaşmaga ylalaşýarlar.

Şu Ähtnamanyň ulanylmagy, düşündirilmegi ýa-da durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly haýsydyr bir düşünişmezlikler ýüze çykan halatynda Taraplar düşünişmezlikleri çözmek üçin ähli tagallalary ederler.

**7-nji madda**

Şu Ähtnama hereket edýän döwründe islendik Tarapyň ony ýatyrmak barada beýleki Tarapa onuň hereketiniň bes ediljek gününden 6 (alty) aý öň ýazmaça görnüşde habar bermegi esasynda ýatyrylyp bilner.

Şu Ähtnamanyň hereketiniň bes edilmegi Taraplaryň şu Ähtnama laýyklykda amala aşyrýan we onuň hereketiniň bes edilen pursatynda tamamlanmadyk taslamalarynyň ýa-da maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegine täsir etmeýär.

**8-nji madda**

«_______» şäherinde 2026-njy ýylyň «____» «________» iki asyl nusgada her biri türkmen we iňlis dillerinde gol çekildi, özi-de ähli nusgalaryň birmeňzeş güýji bardyr.

| | |
|---|---|
| **Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň adyndan** | ______________________<br>______________________<br>**adyndan** |